# Toý güni ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Toý güni ýazylan goşgy TOÝ GÜNI ÝAZYLAN GOŞGY



Şowhundan-şatlykdan püre-püre dünýä,
Owaza gark bolup ýüregim ýanýar.
Çyn höwesler her gün, her agşam höwrüm,
A säherler kalpda söýgi oýanýar.
Toýly gün gam bilen tirkeşip gelýär,
Bagt bilen başa-baş garpyşyp bilýär,
Bagtyň gam-gussany ýeňmegi üçin,
Beýik söýgi mydam bagta ýar bolýar.

Edepli, saýhally, syratly ýarlar,
Söýgini säherden syryp alýarlar.
Gül gyzlary mert enäniň, mert atañ,
Soň bir mert ýigidiň ýary bolýarlar.

Mertlikde päklik bar, päklikde bagt bar
Yşgyň ak çeşmesi şolardan gaýdýar.
Nar dänesi deýin bagtyň miwesin,
Söýgä wepa beren aşyklar datýar.

Sylapberdi MUHAMOW. Goşgular